# Meýdan güli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 30 января, 2025
Meýdan güli




MEÝDAN GÜLI
Meýdan güli,
Eýjejigim, ezizim,
Yranyp oturyşyñ adam ýaly-la.
Birden bolup galdym seniñ ýesiriñ,
Takdyr getirendir seniñ ýanyña,
Joşy gaýdyp gaýa kimin gomlaryñ,
Elwan läle jöwzalara dözülen.
Ýagty jahan atly doýmaz-dolmazyñ,
Bir ýerinde nagyş bolduñ gözüme.

Heñ ýaly çeýe sen, roýuñ dury,
Ejiz diýmeklige dillerim barmaz.
Dumana tutsa-da heserler seri,
Ömrüñi ýolmaga ellerim barmaz.

Watan diýlen bu meýdanyñ göwsünden,
Çüwdürim deý çogup çykan kamat sen.
Bizar bolan doñaklaryñ döwşünden,
Senden özge alamaty näm etsin.

Pyrlanýar bu dünýe ýazlardan ýaza,
Aýdymdan aýdyma barýar durnalar.
Bary öwrülmezmi gyzyksyz zada,

Köňülde heňňamlar oýun gurmasa.

Boz ysyndan doýmadym diýp datlanym,
Bir gün duýup galar köňül berenmi.
Bilmen ömrüň niresinde ýatlaryn,
Saňa sataşanmy, seni görenmi.

Belki, bu ýerlere çekmez nesibim,
Hoş gal!
Kabul eýle salam ýollasam.
…Meýdan güli,
Eýjejigim, ezizim,
Ýalňyz dogan ýaly mähriban-la sen!

Mämmetnazar BABANAZAROW. Goşgular